# Gülseñ bolany

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gülseñ bolany GÜLSEŇ BOLANY

Gülüber,
Gülüber,
gülseň bolanyň,
Men bolsa zaryny çekip aglaýyp,
Galanja ömüre talaň salanyň
Bagra basjagyna umyt baglaýyp,
Garaşaýyn gelerine birmahal,
«Küýseýärin» diýen sözli habaryň,
Çägini giňeldip arzuw, sabyryň,
Kakyp elewreýän söýgiň tumşugna,
Ýat ýerlere gitmeginden saklaýyn,
Ahyrda bolmaly sapaly günüň,
Geljek günün özýanymdan çaklaýyn.
Senem synla, şol bag ýene ýalaňaç,
Düýşünde görýändir ýazyň gujagyn,
Garly meýdan bilen ýüzbe-ýüz galyp,
Ýalňyzlygy çekmeli bor bialaç.
Oturmasa nätsin böwre diň salyp,
Miwelerin paýlap galansoň gallaç. Goşgular